# Türkmen Zenany

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Türkmen Zenany TÜRKMEN ZENANY



Men türkmen zenany ~ dowama dowam,
Asmanda Aý boldum, Zeminde läle.
Säherler hüwdüden tapyp yşk, owaz
Zürýatlañ kalbynda dönüp bir Käbä
Garaşdym,
ýörişe gitdi ogullar.
Elewräp gezdim men, bitakat ýürekm
Agaýunus boldum, yşkym sowulmaz,
Ummanlar içinde alkyşym kürek.
Bir görseñ köl boldum, bir görseñ derýa,
Miwe berdi yhlas bilen aýdanym.
Eneden gaýdan ýol ~ ýurt-ýurda barýar,
Namys-ardan göteripler baýdagym.

Men seždesi, serişdesi düýnümiñ,
Balam, nirde gezseñ bolman uzakda,
O:t tüssesi dogry çykan tüýnügiñ,
Ojagyny saklap ýörmek güzap däl.
Ýol geçdim müñ ýyllyk, belki-de, artyk.
Namysym, messebim bolupdyr gala:m.
Sen nirede bolsañ nesibe tartyp,
Saçagym, tamdyrym goraldy halal.
Bir gün ata çyksam gerçekler bile,
Ertesi dokadym ajaýyp haly.
Sen näme dileseñ eneñden dile,
Enäniñ bar sözi dünýäniñ maly.
Akpamyk men alyp giden kejebe,
Güljahanyñ ~ gülzar eden çar ýanyn.
Siñe baksañ meñzeş uýa, ejeñe,
Many berer heññamlarda saýranym
Döwür-döwür, oba-oba kent bile,
Bir iliñ köki men ~ ýaýradan şaha.
«Eneli öý ~ bir toý» diýen pent bilen,
Ene yhlasyna kesmedim baha.
Şeýdipler zamandan aşyp zamana,
Töründen ornuny tapdym halkymyñ.
Söýgi bar, hormat bar türkmen zenana
Hem-de Watanym bar baky galkynan. Goşgular